Gurluşyk –gurnama işleriniň ýerine ýetirlişiniň amatly tehnologiki we guramaçylyk şertlerini proýektirlemegi ýöriteleşdirlen taslama institutlaryna ýa-da trestlere buýrujy edara tarapyndan tabşyrylýar (orgstestroý).

Önümçilik işlerini proýektirlemek üçin ilkinji maglumatlar şulardan ybarat:

-taslama – smeta dokumentler;
-direktiw çyzgytlaryň, meýilnamalaryň esasynda baş buýrujy edara tarapyndan düzülen umumy gurluşyk we ýörite işleriň utgaşdyrlan çyzgytlary;
-enjamlaryň we materiallaryň üpçünçiligi baradaky maglumatlar;
-maşyn –mehanizmleriň üpçünçiligi baradaky maglumatlar;
-hereket edýän normatiwdokumentler;
-zähmet proseslериniň kartasy;
-tipli tehnologiki kartalar;

Önümçilik işleriniň taslamasy esasan üç sany dokumentden durýar:

-çyzgytlardan
-gurluşygyň baş meýilnamasy
-tehnologiki kartalar

Tehnologiki kartalar –gurluşyk işleriniň yzygiderligini, tertibini görkezýän esasy dokumentdir.Tehkartalar düzülende öňde baryjy iş usullary we (kompleksleýin) toplumlaýyn mehanizasiýalaşdyrylyş usullary ulanylyp düzülýär. Tehkartalar ýörite gollanmalar esasynda düzülýär we şu aşakdaky dört bülümden durýar:

1-nji bölüm –tehkartalar ulanylýan ýerleriň iş häsiýetnamalary, önümçiligiň şertleri bu kartanyň belli –bir obýekte degişligini görkezýän belliker we ş.m.

2-nji bölüm -gurluşyk –gurnama işleriniň tehnologiýasywe gurluşy: tehkartanyň degişli bölekleriniň (jaýyň, binanyň, konstruksiýanyň) meýilnama çyzgysy, kese –kesigi, maşyn –mehanizmleriň, materiallaryň ýerleşdirlişi, daşalyşy, ambarlarda saklanylşy; möhletleri.

3-nji bölüm -tehniki –ykdysady görkezjiler: el güýji we maşyn-mehanizmleri bilen ýerine ýetirilýän işleriň sygymlylygy bir ölçeg birligine düşýän işleriň mukdary; bir adama düşýän önümiň sany (wyrabotka); önümiň özüne düşýän bahasy (sebistoimost);

4-nji bölüm -material –tehniki –serişdeleri; tehkartada görkezilen işleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan çyg –mal we beýleki serişdeleriň mukdary; ýarym fabrikatlar; taýýar uzeller, önümler we beýlekiler. Maşyn –mehanizmleriň görnüşleri, sany,gurallaryň, enjamlaryň

Все права защищены

görnüşleri, sanawy.

Bir meňzeş jaýlaryň, binalaryň gurluşygy üçin tipli tehkartalar ulanylýar.Tipli tehnologiki kartalary belli –bir obýekte degişli etmek üçin şu aşakdaky çäreden geçirilýär:

-gurluşyk–gurnama işleriniň mukdaryny anyklamaly;
-maşyn–mehanizmleriň zerurlyk mukdary, görnüşlerini anyklamaly;
-Material–tehniki serişdeleriň we adam (zähmet) güýjiniň zerurlygyny anyklamaly;
-Çyzgylarynyň hakyky, ýerli şertlere gabat gelişini, jaýlaryň ölçeglerine, binalaryň, konstruksiýalarynyň ölçeglerine gabatlaşdyrmakdan ybarat.

**Durdymuhammet BAÝMUHAMMEDOW**
**Türkmen döwlet**
**binagärlik-gurluşyk**
**institutynyň mugallymy**

Все права защищены